Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn!

# G E Ñ E Ş

(Türkmenistanyñ dürli syýasy-jemgyýetçilik güýçleriniñ birikmesi)

## Programma we Düzgünnama

”Geñeş” koordinasion birikmesi Türkmenistanyñ dürli syýasy partiýalara, hereketlere, akymlara, jemgyýetçilik guramalaryna birleşen we aýry-aýrylykdaky watançy ogul-gyzlarynyñ erk-isleginden döran syýasy-jemgyýetçilik birikmedir. Geñeşiñ eliñizdäki Programmasy we Düzgünnamasy halkyñ oñlan we Türkmenistanyñ on ikinji çagyrylyş Ýokary Sowetiniñ on dördünji sessiýasynda 1992-nji ýylyñ 18-nji maýynda kabul edilen ilkinji özbaşdak döwlet Konstitusiýasynyñ 28-nji maddasyna esaslanýar.

1997

# GIRIŞ

Türkmen halkynyñ we ähli türkmenistanlylaryñ öz ata-baba topragynda azat hem erkin ýaşamak, öz ýurdunda demokratik hukuk döwletini gurmak erk-isleginden;

Türkmen halkynyñ we ähli türkmenistanlylaryñ milletine, diline, dini ynanjyna, jynsyna garamazdan deñhukukly, oñşukly we bagtly ýaşamak isleginden;

Türkmen halkynyñ we ähli türkmenistanlylaryñ öz ynamlaryna, dünýägaraýyşlaryna we durmuş tejribelerine görä kanuna laýyklykda dürli syýasy partiýalara, jemgyýetçilik guramalaryna erkin birleşmek hem-de demokratik esasda ýurdy dolandyrmaga gatnaşmak isleginden;

Ähli türkmenistanlylaryñ we külli türkmeniñ umumy Watany bolan Türkmenistany dünýäniñ iñ ösen ýurtlarynyñ yzyndan ýetirmek we üznüksiz progrese bolan isleginden;

Türkmen halkynyñ we ähli türkmenistanlylaryñ özlerine we özünden soñky nesillerine ekologik taýdan arassa, baý, gülläp ösýän, demokratik hukuk döwletini miras galdyrmak isleginden;

Türkmen halkynyñ we ähli türkmenistanlylaryñ berkarar demokratik milli döwletiñ çäginde öz goñşulary bilen müdümilik oñşukly hem agzybir ýaşamak isleginden;

Türkmen halkynyñ we ähli türkmenistanlylaryñ öz ýurdunda adam hukuklarynyñ we bähbitleriniñ döwletiñ ýa-da aýry-aýry partiýalaryñ ýa-da toparlaryñ bähbidinden ileri tutulmagyny kanuny taýdan hemişelik üpjün etmek isleginden;

Türkmen halkynyñ we ähli türkmenistanlylaryñ geçileni sapak edinip, geljekde hiç haçan öz ata-baba topragynda halklaryñ erkini äsgermezçilik edýän we adam mertebesini ýere salýan şahsyýetparaz serdarçylyk syýasata we totalitar döwlet gurluşyna ýol bermezlik isleginden;

ugur alyp, Türkmenistanyñ dürli syýasy we jemgyýetçilik guramalary, hereketleri, partiýalary we öñdebaryjy wekilleri Geñeş ady bilen bu ortalyk syýasy-jemgyýetçilik birikmäni döretdiler.

# PROGRAMMA

Türkmenistanyñ köppartiýalylyk baradaky resmi kanunyna esaslanyp, 1991 ýylda düýbi tutulan “Geñeş” ýurtda demokratik hukuk döwletini gurmak ugrunda göreşýän ähli syýasy partiýalaryñ, hereketleriñ, akymlaryñ, jemgyýetçilik guramalarynyñ, toparlaryñ we halkyñ öñdebaryjy wekilleriniñ başyny birikdirýär we türkmen halkynyñ öz topragynda emele gelen neostalinçilik türkmenbaşizm döwlet sistemasyna garşy alyp barýan göreşini koordinirleýär.

Türkmenistanda demokratik hukuk döwletiniñ gurulmagy ugrundaky mukaddes göreşe goşulmak isleýän ähli syýasy partiýalar, hereketler, akymlar, jemgyýetçilik guramalary, toparlar, her bir türkmen we türkmenistanly üçin Geñeşiñ gapysy açykdyr.

# SYÝASY WEZIPELER

1. Geňeş halkymyzyň oňlan we Türkmenistanyň on ikinji çagyrylyş Ýokary Sowetiniň on dördünji sessiýasynda 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda resmi taýdan kabul edilen döwlet Konstitusiýasynyň ýurduň ähli territoriýasynda iň ýakyn wagtda doly möçberde gepsiz-gürrüňsiz dikeldilmegini gazanmagy özüniň başky syýasy wezipesi diýip yglan edýär.

2. Geňeş türkmen topragynda demokratik hukuk döwletiniň gurulmagyny, adam hukuklarynyň, söz, metbugat, mitingler we parahat köçe ýörişleri azatlygynyň dabaralanmagyny üpjün etmegi özüniň birinji derejeli syýasy wezipesi edip goýýar.

3. Geňeş ýurduň häzirki Prezidenti S.A.Nyýazowy Türkmenistanyň on ikinji çagyrylyş Ýokary Sowetiniň on dördünji sessiýasynda 1992 ýylyň 18 maýynda kabul edilen döwlet Konstitusiýasynyň 116 maddasyndan 51-sini, ýagny: 1, 2, 3, 4, 5, 6, 9, 14, 16, 17, 21, 22, 23, 26, 27, 28, 29, 30, 32, 33, 35, 36, 37, 40, 41, 42, 44, 52, 54, 55, 56, 57, 59, 66, 67, 71, 78, 89, 91, 92, 93, 97, 99, 100, 101, 105, 107, 110, 113, 114, 115-nji maddalary gödek bozan ýa-da olaryň bozulmagyna maksatlaýyn ýol açan adam hökmünde halkyň oňlan Konstitusiýasyna dönüklik eden we döwletiň Baş kanuny goramak, ýurdy Baş Kanuna esaslanyp dolandyrmak baradaky resmi kasamyny depelän adam hökmünde ýazgarýar. Ony 1997 ýylyň 21 iýunyndan beýläk Prezidentlik wezipesini bikanun eýeleýän adam hasaplaýar we onuň iş başyndan aýrylmagyny gazanmagy iň möhüm syýasy wezipe diýip yglan edýär.

4. Geňeş hut şunuň bilen baglanyşykly ýurtda dörän syýasy-jemgyýetçilik ýagdaýdan ugur alyp, tä ýeňişli güne çenli permanent (üznüksiz) parahat gozgalaňa başlaýar we Türkmenistanda ýakyn geljekde demokratik esasda Parlament we bäsleşikli Prezident saýlawlarynyň geçirilmegini gazanmagy maksat edinýär.

5. Geňeş demokratik esasda, söz, metbugat, mitingler we parahat köçe ýörişleriniň ykrar edilen şertlerinde, daşary ýurt synçylarynyň gözegçiligi astynda täze Parlament we bäsleşikli Prezident saýlawlarynyň geçirilmegini guramagy syýasy göreşiň ikinji etaby diýip yglan edýär.

6. Geňeş türkmenbaşizmden arassalanan Türkmenistanda dünýäniň iň ösen ýurtlarynda birnäçe asyrlyk synagdan geçen demokratik hukuk döwletiniň gurulmagyny baş syýasy maksat diýip yglan edýär. Demokratik Türkmenistanda häkimiýet deňhukukly üç şahadan: Kanun çykaryjy (Parlament), ýerine ýetiriji (Prezident we hökümet) we Sud organlaryndan ybarat bolmaly. Metbugat, radio we telewideniýe ýurtda garaşsyz jemgyýetçilik gözegçisiniň roluny ýerine ýetirmeli.

7. Geňeş türkmen topragynda şahsyetiň hukuklarynyň döwletiň bähbitlerinden ileri tutulmagyny kanuny esasda üpjün eder.

8. Geňeş öz göreşiniň ahyrky etabynda ýurduň häzirki dowam edýän döwlet Konstitusiýasyny kämilleşdirmegi, ony Günbataryň we Gündogaryň iň ösen demokratik ýurtlarynyň Konstitusiýalarynyň nusgasynyň derejesine götermegi we onuň mazmunyny Halkara hukuk aktlaryna doly gabat getirmegi göz öňünde tutýar.

9. Geňeş syýasy ynamyna, diline, dinine, jynsyna garamazdan, külli türkmeniň we her bir türkmenistanlynyň Türkmenistan döwletini demokratik esasda dolandyrmaga gatnaşmagyny üpjün etmegi öz syýasy wezipeleriniň özeni diýip, dabaraly jar edýär.

10. Geňeşiň wekilleri täze demokratik Parlament we bäsleşikli esasda saýlanan Prezident öz işine başlaýança ýurdy dolandyrjak wagtlaýyn hökümetiň düzümine girerler.

# YKDYSADY WEZIPELER

Geñeşiñ öñde goýýan ykdysady maksatlary oña agza bolan syýasy partiýalaryñ, hereketleriñ, akymlaryñ, jemgyýetçilik guramalarynyñ ykdysady programmalaryna, şeýle-de aýry-aýrylykdaky agzalarynyñ isleglerine we tekliplerine esaslanýar.

1. Geñeş erkin bazar ykdysadyetini demokratik Türkmenistanyñ ykdysady syýasatynyñ düýp özeni diýip ykrar edýär.

2. Geñeş ýurdumyzda dürli ukladly ykdysadyetiñ deñhukukly ösüşini goldaýar we hususy, kooperatiw, aksioner, kollektiwleýin hem-de döwlet ýeçiligindäki kärhanalaryñ, oba hojalyk artelleriniñ, önümçilik we söwda kärhanalarynyñ deñhukukly ösüşiniñ kanuny esasda üpjün ediljekdigine kepil geçýär.

3. Geñeş Türkmenistanda ýeriñ we suwuñ daýhanlara nähili şertlerde we näçe möçberde bölünip berilmelidigini halkyñ özi kesgitlemelidir diýip ykrar edýär we suwarymly ekerançylyga daýanýan oba hojalygynyñ ösüşinde ýurduñ suw hazynasynyñ aýratyn möhümligi üçin suwuñ hemişelik adalatly bölünişini üpjün etmek maksady bilen hukuk döwlet gurluşy ýeñensoñ, ýurdumyzda ähli halk referendumynda tassyklanan kanuna daýanýan düýpli demokratik ýer-suw reformasynyñ geçirilmegini gutulgysyz hasaplaýar.

4. Geñeş ýurtda milli senagaty, oba hojalygyny, ýerli hususyetçiligi döwletiñ maddy taýdan goldajagyna kepil geçýär. Şol bir wagtyñ özünde-de, senagat, söwda we ilata durmuş taýdan hyzmat ediş kärhanalarynyñ hususylaşdyrylmasyna hukuk döwletiniñ şertlerinde gaýtadan kanuny esasda seredilmeginiñ gutulgysyzdygyny belleýär.

5. Geñeş ýurduñ territoriýasyndaky ähli ýerüsti we ýerasty baýlyklary halkyñ umumy hazynasy diýip yglan edýär we olary döwlet ýeçiliginde galdyrmagy hökmany saýýar. Olaryñ diñe bir häzirki däl-de, eýsem geljekki

nesillerimiziñ-de kanuny baýlygy hökmünde tygşytly we aýawly ulanylmagyny üpjün etmek döwletiñ mukaddes borjudyr diýip yglan edýär.

6. Geñeş Türkmenistanyñ halk hojalygynda dünýäniñ öñdebaryjy tehnologiýasyny ornaşdyrmak we hususyetçilere, kopperatiwçilere, aksioner, kollektiwleýin kärhana ýelerine öz önümçiliklerini kämilleşdirmek üçin zerur maddy we ylmy ýardamy bermek döwlet ähmiýetli işdir diýip belleýär.

7. Geñeş hususy, kooperatiw, aksioner, kollektiwleýin we döwlet sektorlarynyñ, şeýle-de daşary ýurt kompaniýalary we şärikli kärhanalaryñ sazlaşykly işini guramak esasynda Türkmenistanyñ ykdysadyetiniñ dinamiki ösüşini üpjün etmek we ony dünýäniñ iñ ösen ýurtlarynyñ yzyndan ýetirmek döwletiñ gös-göni borjudyr diýip hasaplaýar.

# SOSIAL WEZIPELER

1. Geňeş Türkmenistanyň her bir ýaşaýyjysynyň adam şekilli maddy ýaşaýyş derejesini üpjün etmek türkmen döwletiniň baş sosial wezipesidir diýip yglan edýär we her bir adamynyň zerur ýaşaýyş minimumy bilen doly üpjün edilmegini hökmany saýýar.

2. Geňeş ýurduň ýaşaýyjylarynyň ekologik taýdan arassa iýmit, agyz suwy bilen üznüksiz üpjün edilmegini gaýragoýulmasyz wezipe diýip yglan edýär.

3. Geňeş ýurduň ilatynyň ýokary hilli medisina hyzmaty bilen üpjün edilmegini gaýragoýulmasyz wezipe diýip yglan edýär.

4. Geňeş türkmenistanlylaryň ýurduň howa şertlerine we dünýä standartyna laýyk derejedäki ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün edilmegini we özüne ýaşaýyş jaý gurunmakçy bolan her bir maşgala uzak möhletli karzlaryň berilmegini zerur hasaplaýar.

5. Geňeş köpçagaly maşgalalaryň güzeranynyň beýleki sosial toparlaryňkydan hiç bir taýdan pes bolmazlygyny üpjün etmek döwletiň borjudyr diýip hasaplaýar.

6. Geňeş türkmen topragynyň ýerasty we ýerüsti baýlyklarynyň ulanylmagyndan hem-de eksport edilmeginden gelýän milli girdejide ýurduň her bir hemişelik ýaşaýyjysynyň hususy paýy bar diýip hasaplaýar we şol paýyň öz hak ýelerine gowuşmagyny kanunlaşdyrmak Türkmenistan döwletiniň sosial syýasatynyň möhüm meselesi diýip hasaplaýar.

7. Geňeş Türkmenistanda çagalygyň we garrylygyň döwletiň goragynda bolmagyny hökmany saýýar.

# MEDENI WEZIPELER

1.Türkmenistan külli türkmeniñ we ähli türkmenistanlylaryñ ýeke-täk Watanydyr. Dünýäniñ islendik ýurdunda ýaşaýan her bir türkmeniñ syýasy garaýyşyna, dini mezhebine, ykdysady ýagdaýyna garamazdan, öz ata-baba topragyna göçüp gelmäge haky bardyr. Türkmenleriñ öz Ata Watanyna göçüp gelmegine zerur maddy kömegi bermek, olary ýaşaýyşa ýaramly ýerlerde öz isleglerine görä ýerleşdirmek türkmen döwletiniñ jana-jan borjudyr.

2. Türkmen topragynda azlykda ýaşaýan halklaryñ öz dilini, edebiýatyny we kulturyny erkin ösdürmäge haky bardyr. Azlykdaky halklaryñ diliniñ, edebiýatynyñ we kulturynyñ deñhukukly ösdürilmegine ýardam bermek döwletiñ wezipesidir.

4. Geñeş totalitar we serdarçylyk döwlet gurluşy döwründe urlan agyr zarbadan aýñalmagy we türkmen topragynda ýaşaýan ähli halklaryñ höwesli öwrenerlik belentligine göterilmegini üpjün etmek üçin türkmen diliniñ, edebiýatynyñ, sungatynyñ we kulturynyñ ösüşine hemmetaraplaýyn ýardam bermek döwletiñ aýratyn borjy diýip yglan edýär.

5. Geñeş Türkmenistanyñ territoriýasyndaky geçmişden galan köne arheologiki ýadygärlikleri dikeltmek, ýurduñ çäklerinden öñki döwürlerde talanyp äkidilen medeni, taryhy we arheologiki gymmatlyklary gaýtaryp getirmek döwletiñ öz halkynyñ öñündäki milli borjudyr diýip yglan edýär.

6. Geñeş halkyñ milli ruhy baýlygynyñ özeni we geljekki nesillerimiziñ ruhy sagdynlygynyñ diregi hökmünde edebiýat, kultur we sungat döwletiñ hemişelik goldawyndan peýdalanmaga haklydyr diýip hasaplaýar.

7. Geñeş halkyñ ruhy we fiziki sagdynlygyny üpjün etmegiñ zerur şerti bolan sportuñ ösdürilmegini döwlet hemmetaraplaýyn goldamalydyr diýip belleýär.

# DÜZGÜNNAMA

Türkmen halkynyñ we ähli türkmenistanlylaryñ öz topragynda demokratik hukuk döwletini gurmak we ol döwletde erkana ýaşamak hem zähmet çekmek islegi mukaddesdir we Geñeş hut şol islegleri parahat ýol bilen durmuşa geçirmek maksady bilen döredilýär.

Bu kanuny maksada ýetmek üçin Türkmenistanyñ ähli halkynyñ, onuñ ýurduñ içindäki we daşyndaky syýasy partiýalarynyñ, akymlarynyñ, hereketleriniñ, jemgyýetçilik guramalarynyñ we öñdebaryjy ogul-gyzlarynyñ öz güýçlerini jemlemeginiñ möhümligini göz öñünde tutup we isleg bildirenleriñ nirede ýaşaýanlygyna garamazdan, sazlaşykly göreş alyp barmagyny üpjün etmek üçin Geñeş öz işini doly demokratik esasda, ýurduñ graædanlaryna berlen kanuny hukuklara görä we Türkmenistanyñ döwlet Konstitusiýasynyñ 17, 26, 27, 28, 29-njy maddalarynyñ talabyna laýyklykda guraýar.

Geñeş Türkmenistanda demokratik hukuk döwletiniñ gurulmagyny gazanmak ugrunda tä ýeñişli güne çenli permanent (üznüksiz) göreşe başlaýar we Türkmenistanyñ dowam edýän döwlet Konstitusiýasynyñ çäklerinde bu ugurda göreşmäge döwtalap ähli syýasy partiýalary, hereketleri, akymlary, jemgyýetçilik guramalary, toparlary we aýry-aýry şahsyetleri öz hatarlaryna çagyrýar!

1. Türkmenistanyñ halkynyñ oñlan we respublikanyñ on ikinji çagyrylyş Ýokary Sowetiniñ on dördünji sessiýasynda 1992 ýylyñ 18 maýynda kabul edilen döwlet Konstitusiýasyny ykrar edýän we türkmen topragynda demokratik hukuk döwletini gurmaga ýardam bermek isleýän ähli syýasy partiýalar, hereketler, akymlar, jemgyýetçilik guramalary, toparlar we aýry-aýry adamlar Geñeşe agza bolup bilerler.

2. Geñeşe agza bolmak isleýän syýasy partiýalar, hereketler, akymlar, jemgyýetçilik guramalary öz Programmalaryny we Düzgünnamalaryny Geñeşiñ Dolandyryşyna (Pravleniýesine) gowşurmalydyrlar.

3. Geñeşe toparlaýyn ýa-da aýry-aýrylykda agza bolmak isleýänler Geñeşiñ Programmasyny we Düzgünnamasyny ykrar eden ýagdaýlarynda umumy esasda oña agzalyga alynýarlar.

4. Geñeşiñ agzalygyna girmek isleýänler bu guramanyñ ýaşamagy we işlemegi, onuñ metbugat organlarynyñ neşir edilmegi we ýaýradylmagy üçin

zerur maliýe serişdelerini döretmäge güýçleriniň ýetdiginden gatnaşmalydyrlar. Agzalaryň giriş we aýlyk salgydynyň möçberi olaryň maddy ýagdaýyna görä özleri bilen ylalaşykly kesgitlenýär we ol möçber guramalar we aýry-aýry adamlar üçin dürli-dürlüdir.

5. Maddy hal-ýagdaýy agyr agzalar simwoliki ujypsyz salgyt töläp we zerur halatynda Geňeşden maddy ýardamy-da alyp bilerler.

6. Geňeş Türkmenistanda demokratik hukuk döwlet gurluşy doly ýeňenden soň öz wezipesi ýerine ýetirildi diýip hasaplaýar we ol şondan soň öz işini bes edýär.

7. Geňeşiň öz işini tamamlaýandygy baradaky karar onuň ähli agzalaryndan delegatlaryň gatnaşmagynda geçirilen açyk kongressde wekilleriň azyndan üçden iki böleginiň ses bermegi esasynda kabul edilip bilner.

8. Geňeşiň öz işini bes edýändigi baradaky karary kabul eden kongress onuň maddy serişdeleriniň we emläginiň şondan soňky ykbalyny kesgitlär.

Watandaşlar, başistik hökümete boýun egmäň! Onuň güni sanalgy! Öz hak-hukugy, erki we azatlygy ugrunda üznüksiz göreşe baş göteren türkmen halky, ähli türkmenistanlylar hilegär we doňýürek nyýazowçylyk rejimiň gabryny gazyjylardyr!

Ýaşasyn adam hukuklarynyň ömürlik dabaralanjak, külli türkmeniň we ähli türkmenistanlylaryň ýalňyz Watany demokratik Türkmenistan!

Redaktory: A. Welsapar

1997 ýyl.